# Çagalarymyz ölýär, siz tomaşa edýärsiňiz

Category: Kitapcy,Medisina,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çagalarymyz ölýär, siz tomaşa edýärsiňiz ÇAGALARYMYZ ÖLÝÄR, SIZ TOMAŞA EDÝÄRSIŇIZ




Professor Loren Moşer…
Amerikaly psihiatrist.
Bakalawr derejesini Stanford uniwersitetinden, medisina işgäri derejesini Garward uniwersitetinden aldy. Ýel uniwersitetinde işledi. Ençeme ýyllap ABŞ-nyň döwlet ruh saglygy institutynyň direktory bolup işledi. "Şizofreniýa býulletenini" döretdi. Ýüzden gowrak ylmy ylmy-populýar makalalary ýazdy…
Döwrüň gegemonlyk sürýän psihiatrik tärlerine we bejergisine gönükdirilen dermanlara barha artýan garaşlylyga garşy çykdy. 90-njy ýyllarda mung zol-zol ýazýan makalalarynda agzap başlady welin, wezipesinden boşadyldy…
Ol şonda-da yza tesmedi. Otuz ýyllap agza bolan ABŞ-nyň Psihiatriýa bileleşiginiň we Psihofarmakologiýa birleşiginiň agzasy bolmagyň mundan beýläk özüne bolan “ýigrenç duýgusyny” göterýändigini aýtmakdan çekinmedi:
“ – Psihiatriýa doly diýen ýaly derman öndüriji şereketler tarapyndan satyn alyndy.”
Dr. Moşeri ynjalykdan gaçyran bu kirli gatnaşygyň psikihatriýa ulgamyna aralaşan weýran ediji täsiridi, psihiatrlaryň köpüsiniň adamlary sosial-sferalaýyn şertler bilen bitewilikde

görmeýänligidi.
Ol psihiatriýanyň has aňyrdan gelýän düýpli döreýiş sebäbiniň bardygyny bilýärdi. Derman senagatyna garşy çykanokdu. Emma himikatlaryň giň gerimli we nädogry peýdalanyşyna dowam etjek kärinde mundan beýläk işläsiniň gelmeýändigini aýtdy:
“ – Pul, syýasat we bilim meselelerinde hakykatdan daşlaşmaň, her birini bolşy ýaly görkeziň, dogruçyl-dürs boluň…”

## ■ **“STOP DSM”**

Dünýädäki birentek psihiatrist, ABŞ tarapyndan taýýarlanan “gollanma kitaplara” seredip, derman ýazyp berýär!
1952-nji ýyl Psihologiýany klinika baglan we ABŞ-nyň Psihiatriýa bileleşigi tarapyndan taýýarlan “Ruhy näsaglyklaryň diagnozy we statistiki gollanmasy” (DSM) ruhy hassalyklara bolan düşünjänin gerimini giňeltdi.
Ilkinji gollanma kitabynda 108 sany kategoriýa bar bolan bolsa, 1980-nji ýylda neşir edilen üsti ýetirilen dördünji neşirde 410 sany kategoriýa bardy. 2013-nji ýyldaky bäşinji gollanmada kategoriýalaryň sany iki esse artdy!
Her täze “gollanma kitap” çykandan soňra “täze ruhy näsaglyklary” seljermezden kabul edip bejerji ýazyp berýänlere garşy 2011-nji ýylda Fransiýada, Italiýada, ABŞ-da, Argentinada, Braziliýada, Belgiýada “Stop DSM” hereketi döredildi.
Hereketiň öňbaşçylaryndan psihiatrist professor Gerard Pommier 2014-nji ýylda Parižde kärdeşlerine şeýle seslendi:
“ – Gündelik durmuş meseleleriniň (hatda söýgi gatnaşyklarynyňam) näsaglyga öwrülmegi üçin goýulýan nädogry diagnozlaryň zyýanyny görkezmeli diýen karara geldik…
Hiç bir ylmy tutarygy bolmadyk we gitdigisaýy has bulaşyk we howuňy basyjy tokaýa meňzeýän bu epidemiologik gollanmasy bilen ne-hä talyplaryň gowy ylym biljegine, ne-de mugallymlaryň göwnejaý formasiýa berip biljegine ynandyk…
“ – Şäherlerdäki lukmanlaryň derman paýlaýjysynyň derman öndüriji şereketleriň wekiline öwrülendigine, çünki hemme ýerde kesel görýän bu gollanmanyň adamy gorka düşürýändigine göz ýetirdik…
“ – Soň yza dolanmak mümkin däl weýrançylyk howpy bilen ýüzbe-

ýüz bolandygymyzy duýmakda gijä galandygymyz hakykat…”
Ýeri… Bu “yzygiderli derman berme” derejesine nähili gelindi?

## ■ ÝÜZLEŞMÄGE MEJBURDYRYS

Rokfelleriñ pikiriçe “añ gigienasy”!
Türkiýede medisina maksatnamasyny taýýarlan Rokfeller toparyndan Dr. Alan Gregg (1890-1957) ýigrimi ýyllap "Rockefeller" fondunuñ medisina ylymlarynyñ esasy ugrunda başlyklyk etdi.
Rokfelleriñ psihiatriýa strategiýasyny durmuşa geçirdi:
– 1931-1944-nji ýyllarda medisina fakultetlerinde psihiatriýany okuw maksatnamasyna aldyrdy… (Ýurdumyzda psihiatriýa bölümi ilkinji gezek Rokfelleriñ puly bilen gurulan Ankara uniwersitetiniñ binýadynda 1945-nji ýylda açyldy.)
– 40-njy ýyllarda başlangyç ylmy-barlag merkezlerini gurdy…
– Hassahanalara, okiw jaýlaryna, sudlara we sosial hyzmatlar pudagyna psihiatriýany aralaşdyrdy…
Dr. Gregg derman senagatyna goşan goşandy üçin "Lasker" baýragyna mynasyp boldy.
Onuñ psihiatriýa tejribesiniñ “beýnisi” ABŞ boldy. Döreden “diagnoz inflýasiýasy” bilen dünýäde depressiýa garşy dermanlaryñ söwdasyny ýokarlandyrdy.
Meselem… Türkiýede 2000-nji ýylda 11 million guty antidepressiýa dermanlary ulanyldy. Bu görkeziji 2018-nji ýylda 55 million guta ýetdi.
Bu dermanlaryñ döredýän goşmaça täsiri nähili? Bulary hiç agzamalyñmy? Kapitalistik medisina garaýşyny hiç aýyl-saýyl etmäliñmi, seljermäliñmi?
Heniz şu hepdäniñ içinde:
– Psihiatriýa bejergisini alan Ankara uniwersitetiniñ medisina fakultetiniñ talyby on dokuz ýaşly N.G. öz janyna kast etdi.
– Psihiatriýa bejergisini alan Stambul uniwersitetiniñ Edebiýat fakiltetiniñ talyby ýigrimi ýaşly S.Ü. öz janyna kast etdi.
Türkiýede günde azyndan on adam öz janyna kast edýär!

Bu jemgyýetçilik ruhy ýaranyñ üstünde durmaly dälmi? Adamy, adamzady kimler gorpa itekleýär?
Meseläniñ ykdysady taraplaryny ara alyp maslahatlaşmaly.
Meselenäniñ syýasy-medeni taraplaryny ara alyp maslahatlaşmaly.
Emma.
Gürrüñsiz meseläniñ medisina taraplaryny-da ara alyp maslahatlaşmalydyrys.
Sferalaýyn şereketleriñ bäş-üç günlük-bir hepdelik gezelenç howasynda gurnaýan badyhowa medisina konferensiýalary bu meseläni çözmeýär, gaýtam çuñlaşdyrýar…

Soner ÝALÇYN.

10.01.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

Terjjme eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Medisina